# Peýdaly oýunlar we oýnawaçlar

**Bu elektron kitapçada “Zaman-Türkmenistan” gazetinde dürli ýyllarda çap edilen oýundyr oýnawaçlar baradaky maglumatlar bar. Bu maglumatlar çagalaryň wagtyny gyzykly geçirmegine, öz ýaşyna görä reňkleri saýgarmagyna, dürli geometrik şekilleri tapawutlandyrmagyna, el hereketlerini kämilleşdirmegine goşant goşar. Topar bolup oýnalýan oýunlar bolsa, körpeleriň bilelikde işlemek, özara düşünişmek ukybyny ösdürip, köpçülikde özlerini nähili alyp barmalydygyny öwrenmegine ýardam eder.**

# Tangram



Ähli halklarda çagalaryň ukyp-başarnyklaryny barlamak, kämilleşdirmek üçin dürli oýunlar, tapmaçalar, matallar we beýleki güýmenjeler bolupdyr. Şeýle oýunlaryň biri hem irki döwürlerde peýda bolan tangramdyr. 7 sany tagta bölejiginden ybarat bolan bu tangramdan dürli şekilleri ýasamak öz ukyp-başarnygyňa, hyýaly güýjüňi ulanyp bilmegiňe baglydyr. Birleşdirilende dörtburçluk şekilli bolýan tagta bölekleri dürli ululykdaky üçburçluk we dörtburçluk bölejiklerden ybarat. Bu oýun geometriýany has aňsat öwrenmäge ýardam edýär. Onuň düzgünleri hem ýönekeý. Olardan bölekleriň ýerini üýtgedip, ýüzlerçe şekili döretmek mümkin. Öňki döwürde agaçdan ýasalan bu oýnawaç häzirki wagtda plastmassadan ýa-da kagyzdan hem öndürilýär. Tangramy ýekelikde we maşgala agzalarynyň ählisi bilen hem oýnamak mümkin. Aýratyn ukyp talap etmeýän tangram wagtyňyzy peýdaly geçirmäge, döredijilik ukybyňyzy artdyrmaga ýardam edýär. Bu oýnuň haçan peýda bolandygy barada anyk maglumat ýok.

Tapmaça oýunlarynyň hünärmeni amerikaly Samuel Loýduň pikirine görä, tangram 4 müň ýyldan bäri bar. Onuň ýedi bölekden ybarat bolmagynyň hem Gündogar medeniýetinde bu sanyň şowly hasaplanýandygy bilen baglydygy bellenilýär. Bu bölekleriň Güni, Aýy, Marsy, Ýupiteri, Saturny, Merkurini we Wenerany alamatlandyrýandygy hem aýdylýar. 1742-nji ýylda Ýaponiýada, 1813-nji ýylda Hytaýda çap edilen kitapda bu oýun barada gürrüň edilýär. XIX asyryň başlarynda Ýewropada we Amerikada hem tangram oýny, ondan nähili şekilleri döredip boljakdygy barada kitaplar çap edilip başlanýar. Pifagoryň tablisasyny hem tangram arkaly döredendigi aýdylýar. Häzirki wagtda tangramyň kompýuterde oýnalýan görnüşi hem bar.

Bu oýun birnäçe asyrdan bäri dünýäniň dürli ýurtlarynda çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda meşhurlygyny saklap gelýär. Soňky ýyllarda dürli reňkli we birnäçe toplumdan ybarat tangramlar peýda boldy. Olarda döredip boljak şekilleriň çyzgysy hem berilýär.

# Kaleýdoskop



Bu oýnawajyň adynyň bize nätanyş bolmagy mümkin. Kaleýdoskop turba görnüşli optiki enjam bolup, öz aralarynda burç emele getirýän tekiz aýnanyň ýagtylygy serpikdirmesi arkaly şekilleri görkezýär. Kaleýdoskopda görünýän nagyşlaryň mukdary enjamyň içinde oturdylan ikiden dörde çenli ýa-da ondan hem köp bolýan aýna bölekleriniň sanyna baglydyr. Kaleýdoskop turbasynyň bir ujunda ýalpyldysyz aýna we beýleki ujunda ondan kiçiräk ýalpyldawuk aýna oturdylýar. Turbanyň içine, ýagny aýnalaryň aralaryna dürli ululykdaky gülleriň şekilleri, monjuklar, düwme we başga-da üýtgeşik şekiller ýerleşdirilýär. Kaleýdoskopy ýagtylyga bakdyryp, onuň öňdäki halkasyny towlamak bilen, şöhläniň birnäçe gezek serpikmegi netijesinde ýerlerini üýtgedýän owadan simmetrik nagyşlary görüp bolýar. Iň gyzykly ýeri hem, bir gören nagşyň gaýtalanmaýar. Kleýdeskop grekçeden terjime edilende “owadan şekile seredýärin” diýmegi aňladýar.

Şotland fiigi Deýwid Brýuster 1816-njy ýylda ýagtylyk bilen bagly geçiren tejribesiniň dowamynda kaleýdoskopy oýlap tapýar. XIX asyryň ortalarynda onuň köpçülikleýin önümçiligi ýola goýulýar. Şol döwürler meşhurlygy has-da artyp, Amerikada hem ýaýrap başlaýar. 1870-nji ýylda amerikan alymy Çarlz Buş Ýewropadan getirilen kaleýdoskop oýnawajyny görýär we tiz wagtda ony döwrebaplaşdyrýar. Onuň ýasan kaleýdoskopy uly bolmadyk gara silindr bilen agaçdan ýasalan ýörite aýlanýan halkadan ybarat bolupdyr. Şeýlelikde, XX asyrda kaleýdoskoplar ulularyň däl-de, çagalaryň güýmenjesine öwrülýär. Wagtyň geçmegi bilen kaleýdoskoplaryň ululyklary we görnüşleri üýtgeýär. Häzirki wagtda turba görnüşindäki kaleýdoskoplar iň gowy oýnawaçlaryň biri hasaplanýar. Onuň has kiçi çagalara niýetlenen görnüşleri hem bar. Kaleýdoskop çaganyň reňkleri saýgarmak ukybyny, duýgularyny we döredijilikli pikir ýöretmelerini ösdürýär.




# Krossword

***Öwrenmek, okamak, kämilleşmek üçin mekdebe gitmegiň zerur bolşy ýaly, çagalar oýun oýnamaga hem zerurlyk duýýarlar. Eýsem, nähili oýnawaçlary saýlamaly, boş wagtymyzda nämelere güýmenmeli?!***

Gündelik durmuşda edýän işlerimiz kämilleşmegimize gönüden-göni täsir edýär. Her çaga öz ýaş aýratynlygyna görä, oýnawaç ýa-da oýun oýnamaly. Oýun oýnaýan çaganyň bedeni we aňy bilelikde işleýär. Adamlaryň boş wagty güýmenýän zatlarynyň biri-de krossworddyr. Krosswordlaryň birnäçe görnüşi bar. Tapmaçanyň bu görnüşi XVIII asyrda ilki çagalar üçin çykarylypdyr. Ilkinji krossword kitaplary hem şol ýyllarda peýda bolupdyr. 1913-nji ýylyň dekabrynda “New York World” gazetinde has çylşyrymly krosswordyň çap edilmegi bilen ol dünýä derejesinde meşhurlyk gazanyp başlaýar. Gazetiň redaksiýasy Artur Waýna 8 sahypalyk güýmenje goşundysyny taýýarlamagy tabşyrýar. Şeýlelikde, “Fun” atly neşirde “word-cross” atly (word – söz, cross – kesişmek) ilkinji krossword okyjylar köpçüligine ýetirilýär. Waýn krosswordy gadymy Popeide “jadyly gönüburçluk” ady bilen oýnalýan oýna meňzedip düzüpdir. Gadymy oýunda birnäçe söz berlip, olary dikligine we keseligine ýerleşdirmeli eken. Krosswordda bolsa, düşündirişi berlen sözi tapmaly.

Krossword çözmegiň aňyň ösmegine, ýatkeşligiň güýçlenmegine, söz baýlygynyň giňemegine uly peýdasy bar. Her kim öz ýaş aýratynlygyna görä krossword çözmeli. Krossword çözülende, kimdir birinden kömek hem soralýar. Bu bolsa, maşgala agzalarynyň ýa-da deň-duşlaryň arasyndaky gatnaşygy berkidýär. Krossword we beýleki aň-bilim talap edýän tapmaçalar siziň pikirlenmek, netije çykarmak, wakalaryň arasyndaky baglanyşygy tapmak ýaly ukyplaryňyzy hem ösdürýär.

# Hanoý sütünleri

Bu oýun ýönekeý ýaly bolup görünýän hem bolsa, matematiki pikirlenişi talap edýän çylşyrymly oýundyr. Oýunjak adatça, 3 sütünden, 8 halkadan ybarat. Bu oýunda bir sütünde ýokarlygyna uludan-kiçä ýerleşdirilen halkalary şol tertipde beýleki sütüne geçirmeli. Her göçümde bir halkany geçirip bolýar hem-de kiçi halkanyň üstüne uly halkany goýmak bolmaýar. Bu oýny 1883-nji ýylda fransuz matematigi Eduard Lýuka (1842-1891) oýlap tapýar.

Häzirki wagtda bu oýnawaç agaç, metal, plastmassa ýaly materiallardan öndürilýär. Oýnuň kompýuter we telefon üçin niýetlenen elektron görnüşleri hem bar.



Bu oýun matematika bilen berk baglanyşykly bolup, dünýäniň dürli ýurtlarynda iň meşhur oýnawaçlaryň biridir. Bu oýunda halka sany bilen göçüm sanynyň arasynda gatnaşyk bar. Mysal üçin, I, II, III halkalar üçin degişlilikde, jemi göçüm sany 1, 3, 7 bolýar. Eger onuň formulasyny döretmeli bolsa, şeýle mysal berip bolar: 2 halka üçin 22 – 1 = 3 (göçüm sany) bolar. Şeýlelikde, x sany halka üçin jemi göçüm sany 2x – 1 bolar.

Oýnawaç 3 sütünli bolup, oňa Brahma sütüni ýa-da Lýuka sütüni hem diýilýär. Onuň halkalarynyň sany 4, 5, 6, 7 ýa-da 8 hem bolup bilýär. Esasy maksat, halkalary aşakdan ýokarlygyna kiçelýän görnüşde beýleki sütüne iň az göçüm bilen geçirmekden ybarat.

# Jenga diňi



Isle ýeke özüň, isle-de köplük bilen oýnap bolýan bu oýunda ilki agaç bölejiklerinden diň ýasamaly. Dörtburç şekilli uzyn agaçlary üç-üçden üst-üstüne her setirini beýlekisiniň keseligine ýerleşdirmeli. Örän gyzykly bolan bu oýun ünslüligi we ukyby talap edýär. Agaç bölejiklerini kim düzen bolsa, şol hem oýna başlamaly. Köp bolup oýnalýan bolsa, oýunçylar sagat diliniň ugruna görä gezekli-gezegine oýnamaly. Oýunçynyň gezegi gelende, bir tagta bölejigini çekip alyp, ony diňiň üstüne ýerleşdirmeli. Oýnuň esasy şerti ellän tagtajygyňy almaly we ony diňe bir eliň bilen çekmeli. Iň ýokarky “gatdan” tagta almak bolmaýar. Tagtajyk alnan wagty ýa-da ýokary goýlan wagty diňi kim ýyksa, şol hem ýeňilýär. Ýeňlen oýunçy diňi düzüp bermeli we oýundan çykmaly. Adatça, bu oýunda 54 tagta bölejigi bolup, olaryň ölçegi 1,5 sm × 2,5 sm × 7,5 sm bolýar. Ýagny, her tagtanyň uzynlygy, onuň ininiň üç essesine we galyňlygynyň 5 essesine deň bolýar. Oýnuň has uly ýa-da kiçi hem-de has köp tagtadan ybarat görnüşleri hem bar.

Jenga oýny “Oxford Games Ltd” iňlis şereketiniň esaslandyryjylarynyň biri Lesli Skott tarapyndan 1970-nji ýyllarda döredilýär. Ol bu oýny çagalyk ýyllarynda Gananyň Sekondi-Takoradi şäherinde ýaşaýan wagty oýnan oýny esasynda dörедipdir. “Jenga” sözi hem swahili dilindäki “kujenga” (“gurmak üçin”) sözünden emele gelipdir. 1982-nji ýylda oýnawajyň önümçiligine başlanýar. Lesli Skott 1983-nji ýylda Londonda geçirilen oýnawaç sergisinde bu oýny “Jenga” ady bilen tanyşdyrýar.

# Gobblet



Bu oýnuň pikirlenmek, ünslüligiňi we ýatkeşligiňi güýçlendirmek ýaly peýdalary bar.

Iki bolup oýnalýan bu oýnuň döränine entek köp wagt geçmedi. “Thierry Denoual” atly kompaniýanyň döreden bu oýny tagtanyň üstünde iki bolup oýnalýar. Oýunda 12-si gara, 12-si ak – jemi 24 bulgur bolýar. Şeýle hem olary ýerleşdirmek üçin dört-dörtden jemi 16 öýjükli tagta bar. Oýnuň 3x3 öýjükli (jemi 9 öýjük) görnüşi hem bar. Her oýunçy meňzeş reňkli, ululygy boýunça dört görnüşi bolan bulgurlary alýar. Oýunçylar her göçümde 1 bulgury goýup, olaryň dördüsini keseligine, uzynlygyna ýa-da atanaklaýyn hatarlamaga synanyşmaly. Ululygy tapawutly bolansoň, garşydaş oýunçy siziň bulguryňyzyň üstüne has uly bulgury düňderip, öňüňizi kesip bilýär. Ýa-da bolmasa, göteren bulgurynyň aşagyndan siziň kiçi bulguryňyz çyksa, oýnuň ýagdaýy bada-bat üýtgäp bilýär. Ilki, her oýunçy öz bulgurlaryny üsti-üstüne goýup, düňderilgi ýagdaýda öňünde goýýar. Soňra tertip bilen, ýagny ilki iň uly bulgurlar tagta düzülýär. Ikinji göçümde beýleki bulgurlar ýa-da tagtadaky bulgurlaryň ýerini üýtgetmek arkaly göçüm amala aşyrylýar. Oýnuň düzgünleriniň arasynda uly bulgur bilen kiçi bulguryň üstüni ýapyp bolýar. Daşardan alnan bulgurlar tagtadakydan uly hem bolsa, üstüni ýapmak bolmaýar, ony diňe boş öýjüge ýerleşdirip bolýar. Ýöne garşydaş oýunçynyň bulgurlarynyň üçüsi hatara düzülen bolsa, onda daşardaky bulgur bilen hem garşydaşyň bulgurynyň üstüni ýapmaga rugsat edilýär. Esasy düzgün bolsa, ellän bulguryňyzy hökman göçmeli. Sebäbi, onuň aşagyndaky bulgur oýnuň ykbalyny üýtgedip bilýär. Gobblet oýnunda garşydaşyň göçümini öňünden çaklamaga synanyşmaly we haýsy bulguryň aşagynda haýsy bulguryň bardygyny ýadyňyzda saklamaly.

# Katamino

“Elektron enjamlarynyň ýüze çykmagy bilen peýda bolan tetris oýnuny bilýänsiňiz. Katamino hem şonuň oýnawaç görnüşi diýsek ýalňyşmarys. Bu oýunjak pentamino atly böleklerden ybarat. Pentaminolary bir ýere jemläp, dürli şekilleri emele getirip bolýar. Bu oýny diňe uly ýaşly çagalar däl, eýsem, has kiçi ýaşly çagalar hem oýnap bilerler. Katamino çaganyň analitik pikirlenme ukybyny artdyrýar, ünsüni güýçlendirýär. Ol 12 bölekden ybarat bolup, adatça agaçdan öndürilýär. Pentaminonyň 3 bölümden 12 bölüme çenli kynlyk derejesi bar. Oýnuň düzgüni dürli şekilleri bölekleriň arasynda boşluk goýmazdan, dörtburçlugyň içine ýerleşdirmekden ybarat. Ýagny 12 bölegi 60 öýjükden ybarat bolan 6x10, 5x12, 4x15 ýa-da 3x20 ölçegli dörtburçluga ýerleşdirmeli. Bu oýnawaç satylanda onuň ýanynda birnäçe nusgasy görkezilen çyzgysy bolýar. Oýnuň 36 müňden gowrak çözülişi bar. Isleseňiz, onuň ölçeglerini alyp, kartondan özüňiz hem ýasap bilersiňiz. Bu oýun matematika we geometriýa derslerini has aňsat öwrenmäge ýardam edýär. Katamino üstünlik gazanmak üçin sabyr etmegi hem öwredýär. Her pentaminonyň ady özüne meňzeş harp bilen atlandyrylýar: F, I, L, P, N, T, U, V, W, X, Y we Z.



Oýun amerikan professory Solomon Wolf Golomb tarapyndan 1960-njy ýyllarda oýlanyp tapylýar. Bilermenler bu oýnuň binagärlik çözgütlerinde hem peýdaly boljakdygyny aýdýarýar. Golomb üçburçluk, gönüburçluk, altyburçluk ýaly geometrik şekilleri birleşdirmek arkaly nähili şekilleri döredip boljakdygy barada pikirlenipdir. Netijede, şeýle tapmaça-oýnawajy döredipdir. Onuň ady bolsa, grekçedäki “penta” hem-de “omino” sözlerinden döräpdir. Onuň düzgünleri domino hem meňzeş. Sebäbi, domino oýnunda daşlaryň birleşýän tarapyndaky nokatlaryň sany deň bolmaly. Birnäçe dörtburçlukdan ýasalan şekillere bolsa, “Polýomino” ady berlipdir. Kataminonyň adaty küşt tagtasynda oýnalýan, ýagny 64 öýjükli görnüşi hem bar. Şeýle hem oýnuň üç ölçegli, ýagny dikligine oýnalýan görnüşleri hem bar.

# Üçburçluk

***Gyzykly we peýdaly wagt geçirmek üçin oýnawaçlara güýmenmek hökman däl. Ýönekeýje zatlardan peýdalanyp hem täze zatlary öwrenip, wagtyňyzy gyzykly geçirip bilersiňiz.***



Öýde kagyza çyzylyp oýnalýan oýunlar iň gyzykly oýunlar hasaplanýar. Şol oýunlaryň biri hem nokatlardan üçburçluk ýasalyp oýnalýan oýundyr. Bu oýna başlamazdan ozal, kagyzyň ýüzüne dikligine we keseligine onlarça nokat bellemeli. Keseligine-de, dikligine-de nokatlaryň sanynyň jübüt bolmagyna üns beriň! Munuň üçin gözenek çyzykly depderden peýdalanyp bilersiňiz. Iki bolup oýnalýan oýunda her oýunçy gezekli-gezegine bir göçüm edip bilýär. Her göçümde bir çyzyk çyzyp, iki nokadyň arasyny birleşdirip bolýar. Oýnuň maksady garşydaşyňdan öň üçburçluk ýasamakdan ybarat. Eger oýunçylaryň biri çeken çyzygy bilen üçburçluk emele getirse, ikinji göçümi edip bilýär. Üçburçlugyň içine bolsa, adynyň baş harpyny ýazýar. Şeýlelikde, iň köp üçburçluk ýasan oýunçy ýeňiji bolýar. Bu oýun garşydaşyň göçümlerini hasaplamagyň zerurdygy sebäpli, gowy pikirlenmegi talap edýär. Oýun diňe wagtyňy gyzykly geçirmäge däl, eýsem, pikirlenmek, dürli wakalardan netije çykaryp bilmek ukybyny hem ösdürýär.



# Domino

Dominony iki, üç ýa-da dört bolup oýnap bolýar. Bu oýunda adatça 28 daş bolýar. Her daş çyzyk bilen ikä bölünip, onuň her tarapynda 0-dan 6-a çenli nokat bolýar. Boş ýerler noly alamatlandyrýar. Oýnuň esasy maksady domino daşlarynyň deň nokatly taraplaryny birikdirip, olary yzygiderli düzmekden ybarat. Oýna başlamazdan öň, näçe bolup oýnaljakdygy, soňra bolsa, näçe utuk alnanda oýnuň tamamlanjakdygy kesgitlenilýär. Emma bu oýunda iň köp utuk alan ýeňilýär. Sebäbi, utuk ýeňlene berilýär. Her oýunçyda 7 sany daş bolup, bu daşlary ilkinji gutaran ýeňiji bolýar. Oýun tamamlananda, beýleki oýunçylaryň elinde galan daşlaryň nokatlarynyň sany olara jerime utugy hökmünde berilýär. Bu oýnuň başga görnüşli oýnalyşlary hem bar. Tehnologiýanyň ösmegi bilen oýnuň hem kompýuterler we smartfonlar üçin niýetlenen görnüşleri bolsa-da, deň-duşlaryňyz bilen oýnamagyň has gyzyklydygyny unutmaň! Şeýle hem dominonyň has kiçi ýaşly çagalara niýetlenen suratly we sanly görnüşleri hem bar. Bu dominolarda janly-jandarlaryň, miwedir gök önümleriň, ulaglaryň şekilleri bolup, olar reňkleri we suratlardaky zatlary  öwrenmäge ýardam edýär. Mundan başga-da domino daşlaryndan dürli şekilleri hem ýasap bilersiňiz!

Bu oýnuň taryhy barada dürli çeşmelerde dürlüçe maglumatlar bar. Taryhyň dürli döwürlerinde, dürli ýerlerde dominonyň başga görnüşleri oýnalypdyr. Käbir çeşmelerde onuň III asyrda peýdabolandygy bellenilýän bolsa, käýerlerde XII asyrda Hytaýda ýüze çykandygy aýdylýar. Ilkibaşdaky dominolarda nol sany we düşünjesi ýokdugy sebäpli, boş ýer bolmandyr. Häzirkilere meňzeş dominonyň XVIII asyrda Italiýada peýda bolandygy aýdylýar. Soňky ýyllarda bu oýun Fransiýa we Demirgazyk Amerika ýurtlaryna ýaýrapdyr. Bu söz italýança bolup, ol baýramçylyk dabaralarynda ýörite geýilýän lybasy aňladýar.